# Budilnik / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Budilnik / hekaýa BUDILNIK

Dañ bilen ýañy agzyny açyp-açmanka depesinden inen batly ýumruga budilnik pahyryñ ýüregi ýaryldy. Tas özünden gidipdi. Soñ oturyp depesinden yumruk inderen ynsany synlady: Eýlesine agdarylan bolup, menem-ä seni günüñe goymaryn; diýip öñküsindenem uly güýç bilen ýene bir gezek gygyrdy. Ynsan özüni süýji ukudan oýaran budilnige açylasy gelmeýän gözlerini zordan açyp, nągilelik bilen seretdi. Birdenem gija galyp baryany ýadyna düşendir-da, ýyldyrym çaltlygy bilen ylgap, düşekden çykdy. Ýolda gapa çakyşyp entireklap gitdi. Gapy gaşlaryny çytyp, özüni ukudan oyaran ynsana alarylyp seretdi. Emma, gapynyñ garayşy ol adamyñ gözüne-de ilenokdy. Ol şol barmana aşhana baryp, howul-hara sowadyjydaky uklap ýatan ýumurtgalaryñ birini bimaza etdi. Ýumurtga öz ykbalyna ajy ölümiñ yazylandygyny boýun alyglydy. Ýöne, edil beýle dañ bilen bu durmuş bilen hoşlaşaryn öytmansoñ, çyr-çytyr sowadyjydan çykmajak bolup dyrjaşýardy. Adam onun nagilelik bildirmegine garaman, ony o dünýä iberdi. Añyrda bir stakanam öz içindaki kofesi bilen birlikde özüni aladañ bilen ukudan turzan adama elini bykynyna goýup, käýinip durdy.
Ahyry ol adam ukusyny bimaza edenligi üçin üýşüp, özüne hüjüm edýän eşikleridir aýakgaplary bilen ýüze çykan aldym-berdimli söweşde üstün çykyp, gapydan çykyp barýarka, ýene şol ýigrenji budilnigiñ sesi eşidildi. Ol yzyna öwrülip, budilnigiñ depesinden ýene bir yumrugy inderdi. Yöne, geñ zat bu gezek budilnigiñ sesi asyl diñenokdy-da, gaytam gitdigiçe güýçlenýärdi. Birden ol adam tisginip oýansa, ol henizem düşekden çykman ýatan eken-ä… Ýañky zatlaryñ barysy bolsa bolsa onuñ düýşi bolsa natjek…
Garaz dañ bilen ukudan turmak diñe ynsanlara däl, hiç kime hem ýakanok eken… Hekaýalar